# Täze habarçylyk garaýşy

Category: Kitapcy,Nukdaýnazar,Publisistika
написано kitapcy | 26 января, 2025
Täze habarçylyk garaýşy TÄZE HABARÇYLYK GARAÝŞY




Ali Sirmen – türk mediýasynyň baýry žurnalisti…
Faruk Bildiriji – türk mediýasynyň ýüzüniň tuwagy saýylýan žurnalistlerden…
Bildiriji magdan çykarmak üçin Akbelen tokaýynda agaç çapýan «YK Enerji» kompaniýasynyň gazetlerde çykan bildirişi hakda ýazdy:
«Pul berýäniň islegini çap etmek – okyjynyň ynamyny ýer bilen ýegsan edýär. Bular ýaly žurnalistika jemgyýetçiligiň bähbidini goramak beýlede dursun, güni güýçliniň elinde oýnawaja öwrülýär».
Bildirijiniň muny ýazmagynyň sebäbi «YK Enerji»-niň bildirişini çap etmekden «Cumhuriyet» gazetiniň ýüz dönderme kararyna redaksiýanyň işgäri Ali Sirmeniň garşy çykanlygy boldy. Sirmeniň tutarygy şeýledi:
«Habar beriş serişdesinde bildiriş berip pikiriňi mälim etmek ýa-da harydyňy tanatmagam söz azatlygyna girýär. Metbugat organlarynyň düzümini ýa-da harydyny halamadyk adamynyň ýa-da edarasynyň azatlygyny çäklendirmäge haky ýok. Edil metbugat organynyň saýlawlar döwründe beýanat bilen çykyş edýän syýasy

partiýanyñ öñe sürýän pikirlerini goldamaýandygy üçin beýanaty çap etmekden ýüz öwrüp bilmeýşi ýaly…»
Bu örän derwaýys çekişme. Mediýada indi bular ýaly ýokary hilli çekişmelere gözüñ ilenok…




*Faruk Bildiriji*
* * *

Sirmen bilen Bildirijiniñ etiki cekişmesine başga nukdaýnazardan seredýärin:
«YK Enerji» nämüçin bildiriş berme zerurlygyny duýdy? Bildirişi çap edip-etmezlik çekişmesinden öñ, şereketiñ nämüçin bildiriş berme zerurlygyny duýandygynyñ gürrüñini etsek gowy bolmazmy? Çünki meseläniñ ujy habarçylyk garaýşymyzy derñemegimize baryp direýär…
Türk mediýasynda birtaraply «habarçylyk» garaýşy hök sürýär. Özem bu «wirus» AKP mediýasynyñ üsti bilen mazaly kök urdy we hemme habar beriş serişdesine ýolukdy. Indi habar taýýarlanda garşydaş tarapyñ pikirine salgylanmak sizi garalamaga ýeterlik bolýar! Şonuñ üçin Akbelen tokaýyny nämüçin çapýandygyny şereketiñ özünden soralmalydyram öýdülenok!
Bular ýaly täze habarçylyk düşünjesiniñ gerimi çaltlyk bilen giñeýär, jady awyna-mähelle çozuşyna uçramajak bolup, žurnalist öz ugurdaş gatlagyndaky syýasatçydan, aklawjydan, biznesmenden, intellektualdan we gaýrylardan daşgaryn garşydaş mähelledäkiler bilen hiç hili gatnaşyk saklamaýar! Mysal üçin, birnäçe ýyllap «bäşler bandasy» diýilýän işewürlerden ýeke

interwýu alýan, ýeke sorag berýän ýok! Çünki beýtseler çepçi mediýa merkezlerinde «dardan asyljaklaryny» bilýärler. Beýle-de bir žurnalistika bormy? Diňe interwýunyň hiliniň, kemçiliginiň üstünde jedelleşip bileris. (Beýleki bir ýandan ep-esli pul berlensoň, aklawjylaryň biri FETÖ boýunça derňew işini alýar, öwrenje žurnalistleriň üsti bilen suda täsir etmek üçin işine seredilýäni ilki mediýada aklamaga synanşylýar! Žurnalistleri tanyş-biliş gatnaşyklary bilen kabul etme operasiýalarynyň ulanmaga amatly idiotlaryna öwürýärler. Haýp, ýagny baýrak bilen sylaglanýarlar!).
Žurnalist maglumatyň lokomotiwidir, ol habary jemgyýetçilige bitarap ýagdaýda ýetirmeli adamdyr. Habaryň özenine aralaşyp, sorag bermäge borçludyr. Haýp! Sorag bermegiň el-aýagynyň baglanan döwrüni başdan geçirýäris.



*Ali Sirmen*
* * *

Güman žurnalistikanyň ganym duşmanydyr. Bu ýerden habar däl-de, halky başga ugra gönükdirmäge niýetlenen propoganda çykýar. Soňky ýyllarda şuňa şaýat bolýarys: kabul etme (восприятие) işi «žurnalistika» diýip ýuwdulýar. Meselem: «Bäşler bandasy» Kylyçdaroglynyň kandidaturasyna garşy çykýar» diýip ýazyldy. Ýazana alkyş okaldy. Ýogsam bolmasa ýagdaý

tersinedi, ýöne muny hiç kimiñ eşdesi gelenokdy. Netije nähili boldy, ýeñiljegi öñünden belli Kylyçdarogly kabul etme (восприятие) arkaly kandidat edildi. Şular ýaly täze habarçylyk garaýşyny hiç kim derñejek bolmaýar…
Sözümi jemlär bolsam, habara sebäp bolan kişiniñ ýa edaranyñ edýän işiniñ dogrudygy ýa-da nädogrudygy hakdaky karar köpçüligiñ ygtyýaryna goýulmalydyr. Täze habarçylyk düşünjämiz boýunça obýektiwleýin tankydy guramagymyz gerek.
Şuny-da ýatladyp geçsem gowy bor:
Dünýäde sany örän az käbir habar saýtlary özünde hiç mahabat-reklama berenok. Çünki şeýle diýýärler:
– Ýokary girdejä garaşylýan bank reklamasyny bermek ahlak taýdan dogrumy?
– Saglyga zyýanly ýüzlerçe azyk önümlerini satýan marketleriñ mahabatyny bermek ajlak taýdan dogrumy? Sanasañ sanabermeli.
Mahabat etikasynyñ ölçegi nähili bolmaly? Häzir YouTube, Facebook, Twitter ýaly ulgamlarda berilýän mahabatlara nähili gözegçilik etjek, nädip çäklendirjek?
Çekişme köp taraply we yzy dowam etdirilmäge degişli.

Soner ÝALÇYN.

«SÖZCÜ» gazeti, 10.08.2023 ý. Publisistika